OSCE

**Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy**
**Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygy boýunça wekili**

# 13-nji Merkezi Aziýa Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri boýunça maslahaty

## Plýuralizm we Internetiň dolandyrylyşy

**Duşenbe, Täjigistan**
**29-30-njy noýabr, 2011-nji ýyl**

**BEÝANNAMA**

13-nji Merkezi Aziýa Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri boýunça maslahaty ÝHHG-nyň Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygy boýunça wekiliniň edarasy tarapyndan ÝHHG-nyň Merkezi Aziýadaky ýerli edaralary bilen bilelikde goldamagynda 2011-nji ýylyň 29-30-njy noýabrynda, Täjigistanyň Duşenbe şäherinde geçirildi. Geçen ýyllaryň dowamynda Merkezi Aziýa Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri boýunça maslahaty Merkezi Aziýa ýurtlarynyň žurnalistleriniň arasynda metbugat meselelerini ara alyp maslahatlaşmak we hyzmatdaşlyk etmek üçin özboluşly foruma öwrüldi.

Iki günlük maslahata Merkezi Aziýadan hökümet işgärleriniň, parlament agzalarynyň, žurnalistleriň, metbugat bilermenleriniň we raýat jemgyýetçiliginiň wekilleriniň ýüz elliden gowragy gatnaşdy.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri pudagynda plýuralizm we internetiň dolandyrylyşy maslahatyň üns merkezinde boldy. Gatnaşyjylar ÝHHG sebitinde we aýratyn-da Merkezi Aziýada plýuralizmi ilerletmekde internetiň ornuny ara alyp maslahatlaşdylar, bu ugurda halkara ülňileri we milli amalyýetleri seljerdiler, tejribe alyşdylar, hem-de Merkezi Aziýada Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň azatlygyna degişli soňky özgerişler barada maglumatlary özara paýlaşdylar.

*Maslahat:*

1. Metbugat pudagy boýunça köptaraplaýyn we sebitleýin hyzmatdaşlygyň ähmiýetini bellemek bilen, Merkezi Aziýadan Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, raýat jemgyýetçiligi we hökümet wekilleriniň maslahata gatnaşanlygyny mähirli garşylaýar.

2. Internetiň Köpçülikleýin habar beriş serişdeler guramalary we şahslar tarapyndan ulanylmagynyň, şol sanda raýat žurnalistleriniň, blog çäreleriniň ýa-da sosial metbugatyň adam hukuklary we özüňi beýan etmek hukugy ýaly, binýatlyk azatlyklaryň goragy bilen üpjün edilýänligini belleýär.

3. Ulanyjylaryň mazmuna degişli garaşsyz karar çykarmagyny pugtalandyrmakda, hökümetiň interneti petiklemeginden we süzmeginden, internet sowatlylygyny ösdürmegiň has ähmiýetlidigini nygtaýar.

4. Hökümetleri maglumaty has erkin we giňişleýin ýaýratmak üçin, ähli zerur kanunçylyk we tehniki işlerini, şol sanda häzirkizaman we aragatnaşyk tehnologiýalaryny durmuşa geçirmäge çagyrýar.

5. Her bir raýatyň döwlet tarapyndan päsgelçiliksiz internete girmegine güwä geçmek üçin, hökümetleri tehniki ösüşi goldamaga çagyrýar.

6. Hökümetleri ÝHHG borçnamalaryna, Ähliumumy adam hukuklary jarnamasyna, Raýat we syýasy hukuklary boýunça halkara şertnama we Adam hukuklary boýunça Ýewropa konwensiýasyna laýyklykda internetiň düşünjeleri beýan etmek erkinligi üçin açyk we köpçülikleýin forum bolmagyny üpjün etmäge çagyrýar.

7. Interneti we onlaýn maglumatlary ulanmagyň milli kanunçylykda halkara ülňilere laýyklykda we erkin maglumat we beýan etmek hukugynyň aýrylmaz bölegi hökmünde ykrar edilmelidigine ünsi çekýär.

8. Internetiň esasy ÝHHG borçnamalarynyň biri bolan maglumatlaryň erkin, şol sanda serhetüsti, akmagy üçin deňsiz-taýsyz mümkinçilikleri hödürleýändigini nygtaýar.

9. Hökümetleri goşulyşmagyň serişdesi hökmünde interneti umuman petiklemekden gaça durmaga çagyrýar.

10. Özüňi beýan etmek azatlygynyň diňe bir adaty aragatnaşyk serişdelerine däl-de, eýsem internetdäki täze metbugat görnüşlerine hem degişlidigini nygtaýar. Şu hukuga çäklendirmeler diňe kanuny maksatlar we jemgyýetiň bähbidi üçin,deň ölçeglilik kriteriýalara deň gelip, demokratik jemgyýetde talap edilýän bolsa, kanun boýunça girizilip bilner.

11. Hökümetleri metbugat işlerini kadalaşdyrmakda düşnüksiz düzgünlerden gaça durmaga we kanundyr kadalaryň berjaý edilişiniň aýdyň we şikaýata açyk ýagdaýda bolup geçýändigini üpjün etmäge çagyrýar.

12. Hökümetleri plýuralizmi pugtalandyrmaga we goldamaga Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine päsgel bermekden we ony monopoliýalaşdyrmakdan gaça durmaga çagyrýar.

13. Internetiň möhüm orun eýeleýän demokratik jemgyýeti üçin iň möhüm şertleriň biriniň Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň plýuralizmi gymmatlygydygyny nygtaýar.

14. Interneti ähli raýatlara, şol sanda oba we uzak ýerlerde ýaşaýanlara, elýeterli etmek üçin, hökümetleri Internet hyzmat prowaýderleriniň (IHP) arasyndaky sagdyn bäsleşik üçin amatly şertleri döretmäge we elýeterli we ýokary hilli internet baglanyşygyny ösdürmäge çagyrýar.

15. IHP-leriň, beýleki iş kärhanalaryna ulanylýandan başga artykmaç düzgünlere hökümet tarapyndan tabyn edilmeli däldigini nygtaýar. Mundan başga-da, IHP-ler başga adamlar tarapyndan döredilen, emma olaryň hyzmaty arkaly ýaýradylýan, özleriniň jogapkärçilik çekmeýän ýa-da kazyýet kararyna boýun egip bikanun mazmuny aýyrmakdan boýun gaçyrýanlaryň mazmuny üçin jogapkärçilik çekmeli däldir.

16. IHP-ler eger şeýle maglumatlary saklamaga borçly bolsa, hökümetleri şol maglumatlaryň saklanmaly möhletini we gerimini çäklendirmäge we muny diňe zerur halatda we makul maksatlar üçin talap etmäge çagyrýar.

17. Onlaýn maglumatyň we hereketleriň enjama, mazmuna, awtora, maglumatyň gelip çykyşyna ýa-da barýan ýerine garamazdan deň derejeli görülýänligini üpjün etmek üçin, torda bitaraplygy goramagyna ünsi çekýär.

18. Hökümetleri internet hyzmat prowaýderleriniň torda bitaraplyga hormat goýýanlygyna we öz maglumat hereketini dolandyryş düzgünlerini aýdyňlaşdyrýanlygyna gözegçilik etmäge çagyrýar. Torlara we hyzmatlara ýüz görmän girip bolýanlygy kepillendirilmelidir.

19. Internetiň dolandyrylyşyna degişli syýasaty işläp düzmekde, kanunçylygy taýýarlamakda we san teleradio ýaýlymyna geçmekde hökümetleri raýat jemgyýetçiligi bilen maslahatlaşmaga çagyrýar. Ýaýlym edýän Köpçülikleýin habar beriş serişdelerin plýuralizmi berkitmek üçin hökümetler san teleradio ýaýlymyna geçmelidir.

* * *